# Meniñ dilim

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Meniñ dilim MENIÑ DILIM

Dilim seniñ barlygyña guwanýan,
Guwanýan sag-aman ýaşap ýöreñňe.
Ähli dile sarpa goýýan-da bolsam,
Maña dil gerek däl seniñ deregñe.

Agdaramsoñ taryhlaryñ gatyny,
Indi hakykaty anyk bilýän men.
Dünýä ýitiglerinin birisi bolup,
Meniñ bagtym-dilim, has ýiten eken.

Köp çykypdyr duşman onuñ kastyna,
Hilesin, pirimin, gylyjyn tijäp.
(Ýoklapdyrlar onuñ ýigrimi bäşini –
Il anynda bişen-miwesin süýjäp).

Seljuk bolup, Nedir bolup bir çaklar,
Ýat illere äkidenler bar ony.
Ýöne olar seni ýitiripdirler,
Tagtyny, möhrüni ýitiren güni.

Dilim, gadymýetden galan baýlygym,
Gören görgim, alan galam, gylygym…
Hem halkymyñ mydam baky bolmagna,
Sensiñ meniñ ýalñyz mümkinçiligim.

Agageldi ALLANAZAROW. Goşgular